# 11 ÝERI DIKELTMEK WE BAGLARY EKMEK

Toprak pytramasynyň öňüni almak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 200
Hekaýa : DGG-niň işgärleri toprak pytramasynyň öňüni almagy öwrenýärler . . . . . 201
Zaýalanan ýerleri dikeltmek. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 202
Tebigy suksessiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 202
Tohum ýumajyklaryny taýýarlamak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 204
Hekaýa: Baglaryň kök urmagyna hemaýat etmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 205
Bag ekmeklik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 206
Nahallary nahalhanada ösdürip ýetişdirmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 209
Suw akarlaryny we batgalyk ýerlerini dikeltmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .214

# ÝERI DIKELTMEK WE BAGLARY EKMEK



Ýer ýüzünde ýaşaýan adamlaryň ählisi agyz suwy bilen yzygider üpjün edilmäge, hasylly ýere, baglara we tebigy baýlyklara garaşlydyr. Şoňa görä-de, adamlaryň sagdynlygyny gowulandyrmak we goldamak üçin, zaýalanan ýerleri dikeltmek we ýerlerden durnukly peýdalanmak ýollaryny öwrenmek wajypdyr.

Toprak zaýalananda, baglar çapylanda, toprak ýel we siller zerarly ýitirilende, ony sagdyn we öndürijilikli  etmegiň birgiden usullary bardyr.

# Toprak pytramasynyň öňüni almak

Toprak pytramasy ýel ýa-da topragy köwüp, ony dargadýan suw zerarly döreýär. Topragy, aýratyn-da baýyrlaryň ýapgytlaryndaky topragy pytramadan goramaklyk ýerleriň gurplulyk ukybyny artdyrýar, ýapgytlardaky suw baýlygyny goraýar we toprak süýşmeleriniň öňüni alýar.

Daýhanlar toprak pytramasynyň we ýerasty suwlaryň öňüni almagyň 3 usulyna eýerýärler:

1. suw toplaýjy çäkleriň ýokarsyndan düýbüne çenli tebigy böwetleri goýup, suwuň akymyny haýallatmak;

2. akymy ugrukdyrmak we ony bölmek üçin kanallary döredip, suwy ýaýratmak;

3. suwuň ýere siňmegine mümkinçilik berer ýaly, topragy gowulandyryp, suwy aşak tarap ugrukdyrmak.

Käwagt toprak pytramasynyň alamatlaryny bilmek kyn bolýar. Ekin ýerleriň öňki ýaly bol hasyl bermezligi, derýalaryň suwunyň bulanmagy (aýratyn hem çabgalardan soň), ýukalýan toprak ýaly alamatlar toprak pytramasynyň bardygyny aňladyp biler.



**Toprak pytramasynyň netijesinde emele gelip başlan jaýryk...** **emma tiz wagtdan ol şeyle görnüşde bolar.**

Toprak pytramasynyň öňüni almak üçin, mümkin boldugyndan köp sanly baglary we ösümlikleri goramaly, ýerasty suwlary tebigy suw gollaryna, howdanlara we ýaplara ugrukdyrmaly. Toprak pytramasy güýçli bolan ýerlerde hem onuň ýaýramagyny saklap, topragy dikeldip bolýar. Munuň üçin ýönekeý daş hatarlaryny örmeli ýa-da ýapgytda keseligine daşlardan pes diwar gurmaly. Bu topragyň aşaklygyna köwülmeginiň öňüni alyp, baglar we ösümlikler üçin ýokary hasylly ýerleri döredýär. Oba hojalyk işlerinde durnukly usullaryň ulanylmagy toprak pytramasynyň öňüni alyp, suw baýlygyny tygşytlamaga ýardam berýär. Bu usullura sideral ösümlikleri ekmeklik (boş ekin meýdanlaryna wagtlaýyn ösümlikleri ekmek), gezekleşdirip ekmeklik, mulçirlemek (toprak doňmaz ýa-da onuň düzümindäki suw bugarmaz ýaly, ony çüýrän otlar, saman bilen basyrmak), ekinler bilen birlikde baglary hem ekmeklik ýaly usullar degişlidir (15-nji baba ser.).

## Döwlete Garaşsyz Guramanyň (DGG) işgärleri toprak pytramasynyň öňüni almagyň usulyny daýhanlardan öwrenýärler



DGG-niň işgärleri Hindistanyň Karnataka ştatynyň Gulbarga welaýatynyň meýdanlarynda toprak pytramasynyň öňüni almak üçin ýerli daýhanlar bilen işlediler. Ýerli daýhanlar topragyň köp bölegini ýygnaýan beyik daş haýatlaryny gurýardylar. Emma şol haýatlarda suwy geçirýän yşlar bardy. DGG-niň işgärleri gurlan daş haýatlarynyň topragyň belli bir bölegini aşagrakda ýerleşýän meýdanlara geçirýändigini gördüler. Meýdanyň aşaky çäklerinde beýik daş haýatlary gurlanda käbir daşlary gopup gaçýardy. Şonuň üçin-de, gaçan daşlary ýygnap, emele gelen yşlary ýapmaly bolýardy. DGG-niň işgärleri täze berk daş haýatlary gurmagy teklip etdiler. Şeýle haýatlar topragyň ýitirilmeginiň we haýadyň gaýta-gaýta dikeldilmeginiň öňüni almalydy.

Daýhanlar birnäçe daşlaryň çalşyrylmagyna garşy bolmajakdyklaryny aýtdylar. DGG-niň işgärleri daýhanlaryň näme üçin beýle diýýändiklerine hiç düşünip bilmediler. Sebäbi daýhanlaryň gurýan daş haýatlary has köp işi talap edýärdi, olar toprak pytramasynyň öňüni alman, topragy aşak geçirýärdiler. Şonda DGG-niň işgärleri synag geçirmegi hödürlediler. Olar käbir meýdanlarda berk pes daş haýatlaryny gurdular. Beýlekilerde bolsa daýhanlar adaty haýatlary gurdular. Möwsümiň ahyrynda daýhanlar bilen DGG-niň işgärleri duşuşyp, netijeleri deňeşdirdiler. Täze berk haýatlardan aşakdaky meýdanlaryň daýhanlaryň köpüsi nägilediler. Mallar pes haýatlardan aşyp, olaryň meýdanlaryna geçýärdi, ýagyş möwsümlerinden soň bolsa daýhanlaryň täze topragy we şaly meýdanlary üçin suwy öňküsinden azdy.

Bu ýagdaý aşaky we ýokarky meýdanlaryň eýeleriniň arasynda dawa-jenjeliň döremegine sebäp boldy. Synag daýhanlaryň öňki haýatlarynyň gowulandyrylan haýatlardan peýdalydygyny görkezdi. Daýhanlar berk daş haýatlaryň köp kynçylyklary döredýändigini DGG-niň işgärlerine düşündirdiler. Şu waka arkaly DGG-niň işgärleri daýhanlaryň adaty haýatlarynyň diňe bir toprak pytramasynyň öňüni almak bilen çäklenmän, eýsem mallaryň ekin meýdanlaryna aralaşmagynyň hem öňüni alýandyklaryna göz ýetirdiler. Haýatlardan biraz topragyň we suwuň geçmegi oňat goňşuçylykly gatnaşyklaryna zyýan ýetirmedi. Bu bolsa daýhanlar üçin sähelçe goşmaça işden has wajypdy!

# Zaýalanan ýerleri dikeltmek

Käte toprak şeýle bir zaýa bolýar welin, ony hatda sagaldyp-da bolmajak ýaly görünýär. Sagdyn ýeriň çöle öwrülen ýa-da toprakdaky zäherli himikatlar ösümlikleriň ösmegine mümkinçilik bermeýän ýeriň dikeldilmegine ýüzlerçe ýyl gerek bolar. Emma biz işe yhlasly ýapyşyp, ýeri dikeltmegiň usullaryna düşünsek, onuň dikeldilmegine ýardam ederis. Ýeri hasylly bolmaga hiç kim mejbur edip bilmez. Hawa, himiki dökünler mejbur edip biler, ýöne bu örän gysga wagtlaýyn bolup, topragy "mejalsyz" edýändigini ýatdan çykarmaň. Şonuň üçin-de, biz tebigatyň aýlawlaryna üns berip, ýeriň dikeldilmegi we sagdyn hasylyň alynmagy üçin degişli şertleri döretmelidiris.

## Tebigy suksessiýa

Suksessiýa – bu ýer ýüzüniň haýsydyr bir çäklerinde wagtyň geçmegi bilen ösümlikleriň, haýwanlaryň bir görnüşiniň başga görnüşleri bilen kem-kemden çalyşmagy.

Käte ýeri dikeltmegiň iň gowy usuly – ony öz erkine goýup, kem-kemden dikeldilmegine ýardam bermekden ybarat. Munuň üçin şol ýeriň daşyna haýat aýlap, adamlardan daşrakda gezmeklerini haýyş edýän ýazgylary asmaly. Mundan başga-da, şol ýerde bakylýan mallaryň sanynyň azaldylmagy ýeriň dikeldilmegine oňat kömek edip biler. Ýer ulanylmakdan goralyp, şertler ýaşaýşyň dikeldilmegine laýyk bolsa, ösümlikler tebigy suksessiýa diýip atlandyrylýan tebigy usulda şol ýerde gaýtadan ösüp başlaýarlar. Bu hadysa birnäçe ýyllara, hatda birnäçe nesillere uzap bilýär.



Emma şu aşakdaky ýagdaýlar ýüze çykanda, tebigy suksessiýa ýeri dikeldip bilmeýär:

- golaýda ýerli ösümlikler ýa-da olaryň tohumlary bolmasa;
- çalt köpelýän ösümlikler ýaýrap, ähli ýeri eýeläp, gerekli ösümlikleri aradan aýyrsalar;
- ýer hiç zat ösdürip bolmajak derejede zaýalanan ýa-da hapalanan bolsa (520-nji sah. ser.).

## Ýerli we ýerli däl ösümlikler

Ýerli ösümlikler (şol çäklerde ösýän ösümlikler) ýerli şertlerde aňsat ösüp ýetişýärler. Olar ýerli mör-möjekleri, guşlary we haýwanlary özüne çekip, olara mesgen bolýarlar. Mundan başga-da, olar biodürlüligi saklaýar.

Käte ýerli däl ösümlikler we baglar tiz ösýändikleri, oňat agaç materiallary berýändikleri we topragy gowulandyrmaga kömek edýändikleri üçin köp ýerlerde ekilýärler. Mysal üçin, ewkalipt, sosna, tik, meliýa we Leusena ýaly käbir baglar dünýäniň ähli künjeklerinde ekilýändir.

Emma siziň ýaşaýan ýeriňize mahsus bolmadyk ösümlikler ekilse, olar käbir kynçylyklaryň döremegine sebäp bolup biler. Sebäbi ýerli däl ösümlikleriň ýerasty suwlary köp mukdarda talap etmegi mümkin. Şeýle-de olar ýerli ösümlikler bilen "bäsleşip", toprakdaky ýokumly maddalar we suw üçin "göreşmekleri", ýerli haýwanlary we ösümlikleri şol çäklerden gysyp çykarmagy ahmal. Haýsydyr bir çäklerde ýerli däl ösümlikler agdyklyk etseler, şol çäkdäki ýeri tebigy suksessiýa arkaly dikeltmek örän kyn bolýar.

## Tebigy suksessiýa



**1. Ösümligi ýok we ýaramaz toprakly zaýalanan ýer**



**2. Uly bolmadyk çydamly ösümlikler (ilkinji) topragyň ýygnanyp biljek ýerlerinde ösýärler. Ilkinji ösümlikler suwy saklaýarlar, mörmöjekleri we guşlary özlerine çekýärler.**



**3. Ilkinji ösümlikler ýokumly maddalary we tohumlary getirip, suwy toprakda saklaýarlar. Guşlar ondan hem köp tohum getirýärler.**



**4. Has uly ösümlikler we nahallar ösüp başlaýar. Ösümlikleriň kökleri gatan topragy ýumşadýarlar. Toprak toplanyp, has köp suwy saklamaga ukyply bolýar.**



**5. Uly ösümlikler, gyrymsy baglar täzeden ösüp başlaýarlar. Netijede, ýer dikeldilýär.**

## Tohum ýumajyklaryny taýýarlamak

Tohum ýumajyklary toprak pytramasy zerarly zaýalanan ýerde ösümlik dünýäsini dikeltmegiň ýönekeý usulydyr. Her ýyl ýabany tohumlary ýygnaň. Çagalara tohumlary ýygnamak gowy başardýar. Bu olar üçin şadyýan we öwrediji sapak bolýar. Ýerli ösümlikleriň dürli görnüşleriniň tohumlarynyň mümkin boldugyndan köpüsini ýygnaň. Şol tohumlardan we ujypsyz toprakdan ýumajyklar taýýarlaň.

Garyň:



**1 bölek Garyşdyrylan tohum**

**2 bölek Ekmek üçin toprak ýa-da elenen kompost**

**3 bölek Elenip, daşlary aýrylan toýunsow toprak**

**Biraz suw**

Tohumlary kompost ýa-da toprak bilen garyň-da, soňra toýunsow topragy goşuň. Garyndyny çyglandyrar ýaly mukdarda suw goşuň. Suwy aşa köp goşsaňyz, tohumlar örän tiz wagtdan baldak çykararlar. Garyndydan kiçiräk ýumajyklary ýasaň. Yumajyklar gurar ýaly, olary günüň aşagynda birnäçe gün saklaň.



Ýagyş möwsüminde ýa-da onuň öň ýany ösümlik dünýäsini dikeltmek isleýän meýdanyňyza baryp, ýumajyklary oklaşdyryň. Ýumajyklary oklaşdyranyňyzda, muny keşleriň şekilinde ediň. Bu ýerasty suwlaryň akymyny ugrukdyryp, tohumlaryň baldaklamagyna ýardam berer (293-nji sah. ser).

Tohumlar ýagyşdan soň baldaklap başlaýarlar. Kompost ýokumly iýmit maddalary bilen üpjün edýär, toýunsow toprak bolsa tohumlaryň guramagyna, syçanlaryň we guşlaryň olary iýmegine ýa-da ýele sowrulyp gitmegine ýol bermeýär. Bir ýyldan täze ösümlikler öz tohumlaryny berer, olardan täze ösümlikler ýetişer. Toprak ösümlikleriň töweregine ýygnanýar. Bu bolsa toprak pytramasynyň öňüni alar. Tiz wagtdan ösümlikleriň täze görnüşleri dörär. Olar biynjalyk edilmese, birnäçe ýyldan ähli ýerler dikeldiler.

## Baglaryň kök urmagyna hemaýat etmek



Somalide we Gündogar Afrikada gurak we yssy çöl klimaty sebäpli baglar örän azdyr. Agaç kömrüni taýýarlamak üçin baglaryň çapylyp aýrylmagy olaryň sanyny has hem azaltdy. Agaç kömrüniň belli bir böleginden somalililer peýdalanýardy, ýöne onuň aglaba bölegi beýleki ýurtlara satylýardy. Fatima Jibrell atly aýal şeýle ýagdaýyň döretjek kynçylyklaryna düşünende, kömrüň başga ýurtlara satylmagynyň öňüni almak üçin degişli çäreleri geçirip başlady. Ol: “Biziň özümize ýetmän durka, serişdelerimizi başga ýurtlara satyp bilmeris” diýip, obadaşlaryna ýüzlendi.

Fatimanyň geçiren çäresi şowly boldy. Emma bu çäräniň geçirilip başlanan döwründe baglaryň sany eýýäm örän azdy. Şonuň üçin-de, Fatima Somalide täze baglary ekmeklik işini öňe sürüp başlady. Ol baglaryň öňki sanyny dikeldilmeginiň Somali halkynyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrjakdygyna ynandy.

Somaliniň topragy örän gyzgyn we gurak bolup, baglary ekmegi kynlaşdyrýar. Somali halkynyň baglary ekip, olara gözegçilik etjekdiklerine umyt baglap-da bolmaýardy. Sebäbi ol pasyllara baglylykda bir ýerden başga bir ýere göçýärler. Şonuň üçin Fatima halk ýurduň çäklerinde bir ýerden başga ýerlere göçenlerinde, pes daş haýatlary gurmagy öwredip başlady. Ýeriň örän tekizdigine garamazdan, Fatima suwuň iň pes ýerlere-de ýetip, topragy “janlandyrjakdygyna” ynanýardy. Gysga ýagyş möwsümlerinde bu pes daş haýatlary topraga gerekli ýokumly maddalary ýygnamaga kömek etdiler. Ösümlikler we baglar özbaşdak ösüp başladylar. Indi Somalide ösýän baglaryň sany öňküden-de köp.



# Bag ekmeklik

Baglaryň oňaýly şertlerde ekilmegi zaýalanan ýerleri dikeltmäge kömek edýär we odun, agaç, adamlar we haýwanlar üçin iýmit, derman berýär. Baglaryň ekilmegi garyp we hasylsyz topragy täzeden mes we hasylly topraga öwrüp bilýär. Ýaramaz şertlerde ekilen baglaryň oňat ösmegi üçin aladalanmaly bolýar. Bag ekmekligiň örän köp artykmaçlyklary bar, ýöne ol hemme jemgyýetçilik toparlara we ýerlere laýyk gelmeýär. (Bag ekmelimi ýa-da ýok diýen meseläni çözmek üçin 191-nji sah. ser.).

Bag ösdürip ýetişdirmegiň birnäçe usuly bar:

- Tohumlary ýa-da bagyň kesilen gözlüje çybygyny ýere ekiň (207-nji sah. ser.).
- Ýabany nahallary ýygnaň we täzeden ekiň (208-nji sahypa ser.).
- Bag nahallaryny nahalhanada ösdüriň, soňra topraga ekiň (209-njy sah. ser.).
- Isleýän bagyňyzyň gözlüje çybygyny beýleki bagyň köküne sapyň. (Bag şahasyny sapma usuly adatça miweli agaçlary ösdürip ýetişdirmekde ulanylyp, ol bu kitapda beýan edilmeýär).

Siziň saýlajak usulyňyz ekmek isleýän bagyňyza, sapjak çybygyňyza we tohumlaryň elýeterligine baglydyr.

## Tohumlary we bagyň şahalaryny saýlamak

Köp halklarda “Çaga ene-atasyna meňzär” diýen nakyl bar. Ata-enesi uzyn boýly bolan çaganyň boýunyň olaryňka meňzeýşi ýaly, bagyň gözlüje çybygy hem gögerensoň öz “ata-enesine” meňzär. Mysal üçin, bag tokaý materiallary üçin ýaramly göni sütünli ýa-da peýdaly derman ösümliklerini berýän bolsa, ondan alnan şaha hem edil şolar ýaly häsiýetlere eýe bolar. Siziň isleýän häsiýetleriňize eýe bolan baglary ösdürip ýetişdirmek üçin, tohumlary we şahalary sagdyn baglardan ýygnamalydyr. Gerekli tohumlary we gözlüje çybyklary ýaşaýan ýerleriňizde ýygnap bilmeseňiz, olary oba hojalygynyň hünärmen maslahatçylaryndan, nahalhanadan ýa-da golaýdaky şäheriň bagyndan alyp bilersiňiz.



# Tohumlary ekişe taýýarlamak

Käbir tohumlar, mysal üçin, ýumşak gabykly port ýa-da dykyz  tohumlar ýygnalandan soň tiz wagtda ekilmeli. Käbirlerini bolsa ekmezden öň birnäçe aýyň dowamynda saklamaly bolýar. (Tohumlaryň saklanylyşy barada bilmek üçin 303-nji sah. ser.).

Tohumlaryň köpüsine baldak çykarmak üçin suw gerek bolýar. Tohum galyň we gaty gabyk bilen örtülen bolsa, ýumşadyp, kesişdirmeli bolar. Käbir tohumlar ekilmezden öň, has köp işlenip taýýarlanylmagy talap edýärler.



- Tohumyň gabygy aşa gaty bolmasa (siz ony eliňiz bilen ezip ýa-da dyrnagyňyz bilen döwüp bilseňiz) we aşa galyň bolmasa (kitabyň ýumşak daşyndan galyň bolmasa), ony gönüden-göni çyg topraga ekiň.



- Eger tohumyň gabygy gaty, ýöne ýuka bolsa, tohumlary bir bölejik mata dolaň. Olary bir minutlap gyzgyn, ýöne gaýnamaýan suwda saklaň. Olary derrew gyzgyn suwdan çykaryň-da, sowuk suwa salyň. Tohumlary ertire çenli şu suwda saklap, ertesi gün ekiň.
- Gaty, ýöne ýuka gabykly tohumlary işläp taýýarlamagyň başga-da bir usuly bar: tohumlary sowuk suwa uzak gün basyp goýmaly, soňra olary 24 sagadyň dowamynda çygly mata haltajyklarynyň aşagynda saklamaly. Muny 6 gün dowam ediň. Ýedilenji gün tohumlary ekiň.



- Gabyk aşa gaty we galyň bolsa, tohumyň tä ýumşak içki bölegini görýänçäňiz, oňa büdür-südür daş ýa-da naždak sürtüň. Tohumy zaýalamaz ýaly, gaty çuň sürtmezlige çalşyň.
- Tohumyň gabygy ýumşak, ýöne galyň bolsa, gabygyň ýukajyk gatyny kesip aýryň.



- Gaty gabykly tohumlaryň käbirini sygryň dersi garylan suwa basyp goýup, soňra bir günläp  günüň aşagynda guratmak usuly örän gowudyr. Bu işi 3-4 günüň dowamynda gaýtalamaly. Gowy tohumlar baldaklap, ekişe taýýar bolar. Baldak çykarmadyk tohumlary zyňmak bolar.

Käbir tohumlar pes otda gyzdyrmak, sowatmak ýa-da haýwanlar tarapyndan iýlip ýaýradylmak ýaly çyrşyrymly işlenip týýarlanylmagy talap edýärler. Haýsy usulyň gowudygyny bilmek üçin, synag geçiriň. Birnäçe gezek synanyşyp göreniňizden soň, siz bagyň tohumlaryny ekmek boýunça ökde maslahatçy bolarsyňyz.

## Baglaryň gözlüje çybyklaryny ekişe taýýarlamak

Käbir baglar gözlüje çybygyň ýere ekilip, kökleri we ýapraklary çykýança, suwarylsa, has gowy ösýärler. Gözlüje çybykdan gögeren baglar tohumdan gögeren baglara garanda, miweleri we tohumlary has çalt berýärler.




Käbir gözlüje çybyklary bag ekjek ýeriňizdäki topraga ekmek bolar. Galanlary ýeterlik möçberde ýaprak we kök çykaryp, özbaşdak ösýänçäler, nahalhanalarda ekmeli.

Gözlüje çybygy bag şahasynyň ortaragyndan, egrelmeýän we aşa gaty bolmadyk ýerinden kesip alyň. Takmynan 6-10 sany ösüntgisi (ýapragyň ösüp çykýan ýa-da ösen ýerindäki dykyzlanma) bolan bölegini saýlaň. Ösüntgileri zaýalamaz ýaly, ýapraklary seresaply aýryň. Kökleriň dogry emele gelmegi üçin, şahany keseligine däl-de, biraz gytagrak kesiň.

Gözlüje çybyklaryň ekilen ýerine garamazdan (nahalhanada ýa-da ýönekeý ýerde), gözlüje çybyklar özbaşdak suw tapar ýaly ýeterlik kök çykarýança, olaryň oňat suwarylmagyna we zyýanly mör-möjeklerden goralmagyna gözegçilik etmelidir.



**Tokaýdan göçürip, başga ýerde ekmek üçin nahallary ýygnamak.**

## Ýabany nahallary göçürip oturtmak

Tokaýy dikeltmegiň ýene bir usuly – ýabany nahallary gazyp alyp, olary isleýän ýeriňizde ekmekden ybarat. Sagdyn tohumlyk baglary tapyp, olaryň golaýynda ýa-da aşaklarynda ösýän nahallary saýlaň.

Kiçijek nahallary gazyp alanyňyzda, onuň köküni zaýalamajak boluň. Nahalyň köki zaýalansa, ol gowy ösmez.

Nahalyň töweregini onuň kököniň ugry bilen seresap gazyň. Eliňiz ýa-da gural bilen kökün töweregindäki topragy silkmezlige çalşyp, nahaly ýerden çykaryp alyň. Ýere ekýänçäňiz, nahalyň kökleriniň töweregindäki topragy çyg saklaň. Kökleri topraga ornaşyp, özlerine suwy özbaşdak tapýançalar, nahaly suwarmagy dowam ediň.

# Nahallary nahalhanada ösdürip ýetişdirmek

Nahalhanalar baglaryň beýleki ýerlere göçürilip ekilmeginden öň, olara sagdyn başlangyjy üpjün edýärler. Emma nahalhananyň döredilmegi we onuň aladasy köp işi talap edip biler.

Baglary nahalhanalarda şu aşakdaky ýagdaýlarda ýetişdirmek ýerliklidir:

- Siziň ekmek isleýän baglaryňyzyň tohumlary we gözlüje çybyklar ýeterlik bolmasa;
- Ýaş baglar goralmasa, zyýanly mör-möjekler olary zaýalasalar;
- Nahalhanalara gözegçilik etmek üçin adamlaryň ýeterlik wagty bolsa.

Baglary gönüden-göni topraga ekmek olary nahalhanada ösdürip ýetişdireniňden aňsatdyr. Emma şeýle edilende, köp nahallaryň kök urman, guramagy ahmal.

## Baglary haçan ekmeli

Baglaryň näçe wagtlap nahalhanada bolmalydygy olaryň ekiljek paslyna baglydyr. Siziň ýaşaýan ýeriňizde ygally we gurak möwsümler bar bolsa, baglaryňyzy ýygy-ýygydan suwarmaz ýaly, olary hut ygally möwsümiň öň ýany ekiň. Baglaryň köpüsi ulalyp, bellenilen ýerde ekilmäge ýaramly bolýançalar, 3-4 aýlap nahalhanada bolmalydyr.

## Baglar üçin nahalhanany nirede gurmaly

Nahalhana barmak aňsat bolmaly, agaçlaryň ösmegi we göçürilip ekilmegi üçin gerek bolan wagtyň dowamynda ol açyk bolmaly. Nahalhana işgärleriň ählisi üçin elýeter bolmaly. Her bir nahalhana üçin şu aşakdakylar zerurdyr:



## Nahallary gaplarda ösdürip ýetişdirmek

Nahallaryň haýsydyr bir gapda (bedre, agaç guty, toýun küýze, karton guty we ş.m.) ösdürilip ýetişdirilmegi olaryň ulag bilen daşalmagyny we ekilmegini ýeňilleşdirýär. Bu gaplar nahalyň kök urmagy üçin ýeterlik giňlikde bolmaly. Ýöne nahala gerek bolan suwdan köp suw siňmez ýaly, bu gaplar örän uly hem bolmaly däldir. Nahal nahalhanada näçe uzak wagtlap bolmaly bolsa, gap şonça-da uly bolmaly. Agzy 15 sm, çuňlugy 23 sm bolan gaplar nahallaryň köpüsi üçin amatlydyr. Mundan başga-da, bu gaplar toprak bilen doldurylanda göni durar ýaly, berk bolmalydyr. Nahallar suwarylanda artykmaç suw akyp biler ýaly, gabyň düýbünde deşikler bolmalydyr.



**Çüýrejek gaplar (gazet, kagyz, karton) nahal bilen ýere ekmek bolar. Plastikden, aýnadan, agaçdan ýasalan gaplary nahal ekilmezden öň aýyrmaly. Ýöne olary birnäçe gezek ulanmak bolýar.**

Bagyň ýaş nahallary aşa güýçli gün düşmeden goralmalydyr. Baglaryň köpüsi gündizki yssyda saýaly ýerde gowy ösýärler.

## Nahal ekiljek toprak nähili bolmaly

Nahallaryň kökleri çüýremez ýaly, olaryň ekiljek topragy ýumşak bolmaly. Mundan başga-da, nahalyň gowy boý almagy üçin, toprak mes, ýokumly maddalara baý bolmaly (282-nji sah. ser.). Tokaýdan ýa-da derýalardyr çeşmeleriň öwrümlerinden alnan toprak nahallar üçin örän ýaramly bolýar.




**Topragy elemek**

**Tohumlary ýa-da nahallary gaplarda nähili oturtmaly**

1 Nahal ekiljek toprak 1 gün öňünden suwarylmaly. Suwarylan toprak çyg bolup, gaty öl bolmaly däldir. Tohumlary ekmezden öň, olary arassalaň. Ýöne muny olar çüýräp ýa-da ösüntgi berip başlamankalar etmelidir (304-nji sah. ser.). Nahal ekjek gaplaryňyzy toprakdan dolduryň.

2 Juda ownuk tohumlary ekmek üçin, topragyň üstüni dyrmyklap, 5-10 sany tohumy sepeläp, olaryň üstüni çarşajyk ýa-da taýajyk bilen dyrmyklap, toprak bilen gömüň. Has uly tohumlary ekmek üçin, topragyň ortarasynda tohumyň ininden takmynan 2-3 esse çuň deşik ediň. Mümkin, siz bir gaba birden köp tohum ekesiňiz geler. Tohumlaryň üstünden çalaja basyň. Basaňyzda, kömelejigi döredip biljek howa çukanajyklary aýrylýarlar.



3 Tohumlary ekeniňizden soň, olary suwaryň. Tohumlar has ownuk bolsa, olar akyp gitmez ýaly, usullyk bilen suwarmaly.

4 Tohumlar 1-2 sany ýaprak çykaransoň, has sagdyn görünýän baldagy saýlaň-da, beýlekileri kesip aýryň. Her gapda diňe bir baldak galmalydyr. Gapda galdyryljak baldagyň köküne şikes ýetirmezlik üçin, gerekmejek baldaklary sogurman, usullyk bilen kesip aýryň.

## Nahallary suwarmak

Nahallaryň suwarylmagy nahalhanada alnyp barylýan işleriň iň möhümidir. Ekilen nahalyň düýbündäki topragyň köwlüp, kökleriň üstüniň açylmazlygy üçin, suwy akgynly akdyrman, ýagyş damjalary sepelenýän ýaly usulda suwaryň.

Nahala gerek bolan suwuň mukdary onuň köküniň uzynlygyna bagly bolýar. Nahallary ýapraklary dökülip ugransoň, suwaryp başlaň. Ýöne osümliklere zyýany bolany sebäpli, gowusy muňa ýol bermäň.

Nahallarda 1-2 sany ýaprak peýda bolýança, ony yzygiderli suwaryp durmalydyr. Ýöne munuň üçin nahalyň düýbündäki toprak bütinleý gury görünmelidir.

Soňra 5-6 sany ýaprak çykýança, dyrnagyňyzyň uzynlygynyň çuňlugynda topragyň gury bolan wagty suwaryň. Mundan soň toprak başam barmagyňyzyň birinji bognunyň çuňlugynda gury bolsa, tä kökleri gabyň düýbüne direýänçä, suwaryň.

## Dökünlemek we haşal otlary aýyrmak

Haşal otlar nahallar bilen ýagtylygyň, suwuň, toprakdaky ýokumly maddalaryň ugrunda “bäsleşýärler”. Nahal ekilen gapda birnäçe haşal otunyň bolmagy zyýanly däl. Ýöne olar köpelse, nahala zyýan ýetirer. Şonuň üçin-de, olary düýbünden kesip aýryň. Topragyňyz mes bolsa, nahallaryňyz ondan zerur bolan ýokumly maddalary alyp bilerler. Gerek bolsa, dersden, kompostdan ýa-da peşewden tebigy dökün ýasaň (15-nji baba ser.).



## Nahallaryň başga ýere geçirmek

Nahallaryň kökleri gabyň düýbünden çykyp başlasalar (adatça ekileninden 3-4 aý geçensoň), bu olary başga ýere göçürip ekmelidiginiň alamatydyr. Eger şol wagtda olary başga ýere ekip bilmeseňiz, hepdede 1 gezek olaryň köküni gyrkyşdyryň. Şeýle etseňiz, nahallar ýere kök urman, gabyň içinde kök ýumajygyny doly emele getirmäge kömek berer.




**Üçburç edip oturtmak kiçiräk ýerde köp bag ekmäge mümkinçilik berýär.**

Nahallaryň başga ýerde ekilmegine bir aý galanda, gelejekki ekiljek ýerindäki güne öwrenişer ýaly, nahallaryň üstündäki kölegäni kem-kemden aýryp başlaň. Bu nahallara has güneşli we gury şertlere öwrenişmäge ýardam berer.

Ekmezden bir gün öň, gaplardaky nahallary bol suwaryň. Olary seresaplyk bilen başga ýere geçiriň. Her nahaly ekjek ýeriňizi belläň. Baglaryň arasynda goýulýan aralyk bagyň görnüşine we ekilmegiň maksadyna bagly. Baglar boý alyp ösenlerinden soň bir-birine degmez ýaly, olaryň arasynda ep-esli ýer goýuň.

Nahallaryň ekiljek ýeriniň bir metr töweregindäki haşal otlary we gyrymsy baglary çapyşdyryp aýryň. Ýogsa olar ýaş nahallar bilen “bäsleşip”, olara zyýan ýetirmegi mümkin. Nahallary günden goramak üçin, olary ir ertir ýa-da günüň ikinji ýarymynda, salkyn düşende ekiň. Nahallary täze ýerde ekeniňizde, köklerini guratmazlyga we şikeslendirmezlige çalşyň.



**Gapdan 1 ½ esse çuň inedördül çukurjyklary gazyň. Tegelek çukurjyklar köklere ýaýramaga mümkinçilik bermeýärler.**



**Çukurjyk dolansoň, şahanyň düýbi ýer bilen deň bolar ýaly, çukurjygy toprakdan dolduryň. Mümkin, siz baglaryň ösüp başlamagyna ýardam bermek üçin, birnäçe gysym kompost ýa-da mes gara topragy garmak islärsiňiz. Ekeniňizden soň, nahalyň töweregindäki topragy suwaryň.**

**Amatsyz ýerlerde nahallary nähili ekmeli**



**Gurak ýerlerde suwuň saklanyp galmagy üçin, nahalyň töwereginde oýtum çukurlary gazyň.**

**Nahalyň ekiljek ýeriniň töwereginde 1m ýaly ýeri köwüp, aşagyny tekizläň.**

**Köwüň ýuwulmagynyň öňüni almak üçin, onuň eňňit tarapyna daş haýatjyk aýlaň.**



**Ýapgytlarda her nahal üçin kiçiräk köw ýasaň.**



**Ýapgytlarda ýagyş suwunyň saklanyp galmagy üçin, nahalyň eňňit tarapynda V şekilde joýalar çekiň.**

# Nahallar barada alada etmek

Bag öz ömrüniň birinji ýylynda goralmaga mätäçdir. Adamlaryň ekilen baglar barada alada etmeýändigi zerarly, bag ekmek boýunça taslamalaryň köpüsi puja çykýar. Howa yssy we gurak bolsa, nahallary günde bir gezek, soňabaka her 2-3 günden suwarmalydyr. Birnäçe hepdeden nahallaryň kökleri suwy özbaşdak tapmaga ukyply bolýar. Emma howa henizem gyzgyn we gurak bolsa, nahallary wagtal-wagtal suwaryň. Olaryň boýy haşal otlardan saýlanýança, haşal otlary çapyşdyryp aýryň. Haýwanlar ýa-da çagalar nahallara şikes ýetirer öýtseňiz, olaryň daşyna aýmança ediň. Nahallar gowy ösmese ýa-da ýapraklary sary we keselli görünse, olara tebigy dökün beriň (287-nji sah. ser.).



**Nahallary goramak üçin haýatlary galdyryň.**

# Suw akarlaryny we batgalyk ýerlerini dikeltmek



**Bu derýa tiz akýar. Şoňa görä-de, ol akymdan aşakda suw almalaryň we toprak pytramasynyň ýüze çykmagyna sebäp bolar.**

Çeşmeleriň we derýalaryň boýlarynda, batgalyk ýerlerde (topragyň ýylyň dowamynda öl ýa-da suw alan ýerleri) ösýän ösümlikler we agaçlar suw toplaýjy çäklerdäki wajyp işleriniň köpüsini amala aşyrýarlar. Olar suw almalara ýol bermeýärler, suwy arassalaýarlar, ýerasty suwlaryň topraga syzmagyna kömek edýärler, haýwanlaryň we ösümlikleriň mesgenine öwrülýärler.

Şäherdäki we şäherçelerdäki çeşmeleriň we derýalaryň töwereginde gurluşyk işlerini alyp barmak aňsat bolar ýaly we suw almalara ýol bermez ýaly, olary göni akmaga mejbur edýärler. Ýöne çeşme ýa derýa näçe göni bolsa, ondaky suw şonça-da tiz akýar. Suwuň akymy tizleşende, ol toprak pytramasyny güýçlendirýär, akymdan aşakda bolsa suw almalaryň töwekgelligini artdyrýar. Suw almalar akymyň ugry bilen uly daşlary we pürsleri alyp gidýärler. Şonuň üçin gury möwsümde hem derýanyň hanasyndaky daşlaryň we pürsleriň ululygyna seredip, siz suwuň joşup-joşmajakdygyny anyklap bilersiňiz. Haýal akýan çuň bolmadyk derýanyň hanasynda uly daşlar bar bolsa, ol ýagyşlar möwsüminde aşaklygyna uly daşlary alyp gelýän howply suw almanyň alamatydyr.



**Bu derýa suwuň topraga syzmagyna mümkinçilik berip, haýal akýar.**

# Ösümlik dünýäsini dikeltmek

Suw akarlarynyň gyrasynda ösýän ösümlikler suwy haýallatmaga, ýaýratmaga, ugrukdyrmaga we ýeriň süýşmezligine ýardam berýärler.




**Toprak pytramasy bar bolan ýer:** ýagyş suwy ýüzleý akyp, topragy çeşmä alyp gaýdýar.

**Dikeldilen ýer:** baglar we ösümlikler ýagyş suwlarynyň topraga syzmagyna kömek edýärler. Şunlukda, ýagyş suwlary derýa az düşýär.

Çeşmeleriň we derýalaryň boýunda toprak pytramasynyň öňüni almagy usullarynyň biri – olaryň gyralaryna bag ekmekden ybarat. Suw toplaýjy çäkleriň her tarapyndan 20-den 50 metr çenli giň ýerde baglary ekmeklik toprak pytramasyny kemeldýär.

Köklerini suwda saklamagy halaýan ösümlikler gözlüje çybyklardan erkin ösüp çykýarlar. Şeýle çybyklardan iki ýa-da ondan köpräk hataryny ekip, olaryň arasyna gyrymsy baglary we şahalary üýşüriň. Bu topragy süýşmekden gorap, beýleki ösümlikleriň we haýwanlaryň dolanyp gelmekleri üçin zerur bolan şertleri döredip başlaýar.

Derýalaryň we çeşmeleriň kenarlary durnukly bolanda, baglar, gyrymsy baglar we otlar özbaşdak ösüp başlamagy başarýarlar. Şeýle bolmadyk ýagdaýynda, mümkin, siziň olary ekesiňiz geler.

Nahallary haýwanlardan goramak üçin, olaryň daşynda haýat aýlaň. Baglar doly boý alýança, adamlara şol ýerde odun ýygnamaga rugsat bermäň.



**Batgalyk ýerleriň dikeldilmegi we goralmagy – suw toplaýjy çäkleri goramagyň möhüm bölegi.**